# Aýuwlaryň aýdymy / powest

Category: Kitapcy,Powestler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýuwlaryň aýdymy / powest AÝUWLARYŇ AÝDYMY



Biziň gürrüňini berjek bolýan wakamyz Isgender Zülkarneýiniň döwründen bir ýüz otuz ýyl soň bolup geçdi.
Salyr Gazanyň döwründe Owganystan şasynyň bir görmegeý gyzy bolupdyr. Kim şol gyzy göreşip ýykyp bilse, şoňa äre barjakmyş. Bu gyzyň dabarasy dag aşyp, munuň habary Salyr Gazanyň hem gulagyna ýetipdir. Ol: «O nä gyzka? Biz hem onuň bilen synanyşyp göräýsek näderkä?” – diýip, onuň üstüne ugraýar.
Gyz üçin Salyr Gazandan ozal hem ençeme ýigitler kellelerini goýupdyrlar. Muny bilse-de ol, garaz, ýa ölmeli, ýa-da göreşde ýykyp alaýmaly. Gyzam, belli, pylan şanyň gyzyny gujaklap galdym diýdirjek gumany ýok.
Az ýöräp, uz ýöräp-köp ýöräp, Salyr Gazan bärden barýar. Munyň habaryny alýarlar. Demini dynjyny dürsänden soň, göreş başlanýar. Bir gün göreşdiler, ýykylyşyp bilmän aýrylyşdylar, iki gün göreşdiler, ýykylyşyp bilmän aýrylyşdylar. Üçünji gün

Salyr Gazan öz-özüne: ”Eger bir gyzdan ýeňilsem, meniň adym biabraý bolar”diýip, Taňrydan, Muhammet pygamberden tekýe-hemaýat isläp, bar güýjüni toplap,şeýle bir zomaýar welin, gyz onuň güýjüni görüp:”Indi men seniňki” diýip, bagyryberýär. Emma Salyr onuň gygyrmagyna bakmam, ýykýar.
Şondan soň gyzy nikalap, Salyr Gazana berýärler. Toý gyzyň atasy öýünde başlanyp, giýew hem şol ýerde iki-üç gün bolmaly bolýar. Salyr Gazan ahyrda gyzy alyp, öz ýurduna dolanyp gelýär we uly toý tutýar.
Aradan birnäçe wagt geçenden soň, Salyr Gazanyň bir ogly bolýar, oglanyň adyna “Tekýe-Tekýemuhammet” (Muhammet pygambere tekýe-sygynyp gazanylan ýeňşiniň hatyrasyna) diýip at goýýarlar. («Gorkut ata” kitaby, Aşgabat, «Magaryf» neşirýaty, 1994 ýyl, Nurmyrat Esenmyradowyň ýazgylaryndan).
Tekeleriň gelip çykyşy barada rowaýatlar başga-da bar. Biziň ýedi arkamyzdan nesilme-nesil geçip gelen aşakda gürrüň berjek rowaýatymy, garry atam maňa aýdyp beripdi. Garaz, gelip ýeten döwri belli bolmasa-da, men ony siziň dykgatyňyza ýetirmekçi. Galanynam, okaň, baha beriň.

**1. Teke hanyň dünýä inişi barada**

Halk asudalygyny gorap, Müňgyşlagyň gumdaky obalarynyň birinde şehit bolan, şol ýerde hem jaýlanan Teke hanyň aşy-hudaýýolusy berilen gününiň yz ýany, gaýynatasy Gazan beg Ene perini ýanyna çagyryp şeýle diýdi:
– Gyzym, öleniň yzynda ölen ýokdur, sen bir ýaş maşgala, gelejegiň öňde, ataň öýüne gaýdyp bar, bagtyň açylsyn. Allanyň edenine şükür etmeli. Küpür bolman, Taňra ten bermeli. Şükür, Hudaýa, gelejege umydymyz bar. Teke baýyň yzy ýitmez, onuň myrasyna öz nesli eýe bolar, bolaram, enşalla! – diýip, uludan demini aldy.
Gaýyn atasynyň näme diýjek bolýanyna gelin birbada düşünmedi. Eýsem, onuň: «Umydymyz bar”diýmegi, «Seniň göwräňde Teke baýyň perzendi bar, şolam onuň myrasyna eýe bolar” diýdigimikä? Ol bulary nireden bilip ýörkä? Ony heniz gelniň özi hem bilenok ahyryn? Her zatda bolsa gaýyn atasynyň beýle gürrüňi galdyrmagy ajap etmeli, utanylmaly zat. Hut şonuň üçinem ol çapaty ýaly gyzardy, aljyrap, ýüzüni gyňajynyň ujy bilen ýapdy.

Maýa gelnim, guba Perim, gulak as! – diýip, gaýynenesi Nusaý peri äriniň teklibini goldaýan äheňde elini gelniniň egnine goýdy
– Gazan dogry aýdýar. Türkmende: «Är öldi, heleý talak” diýen gep bardyr. Gitjek bolsaň seni saklap bilmen. Eneň-atańy çagyraly, maslahatlaşaly. Öýüňde, ejeň saňa ýoldaş bolar!…
– Hawa, gyzym, gaýyn eneň dogry aýdýar, biz bir ýere ýygnanyşaýaly, soňunam Hudaý oňarsyn! – diýip bu mesele boýunça, çagyrylyp getirilen kakasy jogap berdi.
– Kaka, seniň ýagdaýyňa düşünýärin. Näme diýseň men şonuň bilen bolaryn, ýöne…
– Ýönäň näme gelin? – diýip, gaýynene sorady.
– Ýönäm, ”Teke baýyň ýurduny, bolşundanam beter eden gelin, atasy öýüne gidäýipdir” diýdirmejek bolýan-da!
Gelnim, onyň dogry gep! Akyllylygyňy öňem bilýärdim, indä-hä hasam göz ýetirdim. Näme etseňem men seniň herekediňi goldaýaryn. – diýip, gaýyn ene seslendi.
– Gelin, akyl-paýhasy bar adam seniň ýagdaýyňa düşüner, atań öýüne gaýtmagyňy makullar, akly kelte gybatçylaram näme diýesi gelse şony diýsinler. Biziň niýetimiz öz göwnümize laýyk. Sen bir ýaş maşgala. Onsoňam, gyzym, adamzadyň edýän hereketleriniň hemmesiniň kölegeli tarapyny gözläp, pohuň içinden monjuk agtarýanlaryň agzyny ýygyp bolmaz – diýip, gaýyn ata söze goşuldy.
– Gyzym, özüňe degişlije goşuňy ýygna, ýüklär ýaly ulag tapaýyn. Galanynam, Hudaý oňarsyn! –diýip, kakasy ýerinden turdy.
– Guda, ulag tapjak bolup azara galma, men gelnime ulagam gysganman, zadam. Öýden geregini alsynda, seniň bilen gidibersin – diýip, Gazan beg meseläni şol ýerde çözdi duryberdi.
Gepiň gysgasy şol günüň öýläni Ene peri diňe özüne degişlije goşlary alyp, atasy öýüne gaýtdy.
Aý-günüň geçmegi bilen Enäniň göwreliligi bildirip, ene-atany biynjalyk edip başlady. Serdar beg aýalyny ýanyna çagyrdy-da:
– Keýwany, hany maslahatlaşaly! Gyzyň näçe gündür,ile çykman öýde busulyp ýatyr. Indi nätmeli? Öýde çaga bolsa-ha, bir

topar akylsyzlara, ýaňralara gürrüň bolarys? – diýip, aýalyna ýüzlendi.
– Kakasy, men öňüräjikden bäri Ene bilen maslahat etdim. Ony gaýynlaryna eltip gaýtmaly. Gelinleriniň toýlydygyny men olara çalaja syzdyrypdym, olar bu habara begenip, gelin gaýdyp gelse toý etjekdiklerini ýaňzytdylar. Gyzym, utanjyndan arkaýyn daş çykyp bilenok, elmydama gaýgy-hasratda. Çagajygynyň kemmaňlaý dogjagyna, gyzymyň ýaraly ýazgydyna gynanyp, özüme ýer tapyp bilemok!
– Keýwany, eýle bolsa şeýdeli. Şu gün iňrik garalyp, göz baglananda ony gaýyn atasynyň öýüne eltip gaýdaly. Olam-a, meseläniň çözüldigi däl welin, başga çykalga ýok-da! Wah…
– Hawwa-la, kakasy, gyzyň öýüňde dogurmasyn diýsene! Türkmençilikde birhili görülýär-dä. Ýöne,ony özüň äkidäýmeseň, meniň gymyldara mydarymyň ýokdugyny görüp dursuň!
– Hawa, men ony alyp giderin! Eý, Hudaý, biz ne güne düşdük? Gyzly bolsaňam aňsat däl, bolmasaňam.
– Onuň utanjy bolmaz, Serdar! Gyzyň göwrede çaga galanyny bada-bat aňşyrmandyr, ýaş çaga-da, indem, goý, çaga dünýä inmeli ýerinde dünýä insin. Sen barşyň ýaly yzyňa dolanaý, men olary habarly edipdim, aýy-güni golaýlanda eltjegimi aýdypdym, asyl garaşýandyrlaram.
– Bolar, keýwany, diýşiň ýaly ederin Galanynam Alla oňarsyn! – diýip, Serdar beg atyny, ýeňiljek iki tigirli araba goşup, Balkan daglaryndaky obalaryna tarap ugrady. Ýarygijeler barmaly ýerlerine baryp, edil gepleşilşi ýaly:
– Gyzym, gaýyn öýüňe geldik, galanynam Alla oňarsyn! – diýdi-de, daşarda garaşyp duran Gazan beg bilen gadyrly görüşdi, kän oturmanam yzyna gaýtdy.

Indi habary Ene periden alalyň! Gijäniň içinde taşlanyp gidilen Ene ep-esli salym diňşirgenip, şol bir duran ýerinden gozganmady. Gaýyn enesi Nusaý peri ”Ýeri, sen näme daşarda ýaýdanyp dursyň? Öýe gir, toýly gelinjigim!” diýip, ony gadyr bilen öýüne saldy. Ol öz ýagdaýyndan ajap edip, utanjyna ýere giräýjek bolup dur. Nusaý peri bolsa: «Gir, öýe, çekinme, sen Gazan bege agtyk doguryp berýärsiň, ol iki bolup bilmez. Beýik

daglardan daş togalansa gaba ökjesini, uýlugyny garşy tutup syndyran, gaba-gaba beg ogullary gowga kylsa, gamçy çalyp olary diňdirýän Gazan gör, nähili bagtly ata bolýar. Gäwüre aldyran oglumyz gaýdyp gelýär, neneň begenmejek!” diýip, ony apalap-apalap duluna geçirdi…

Bir günem gaýynene: «Hany, men seni gowy synlaýyn-la, ýüzüň birhili saralyp barýan ýaly”diýip, Enäni gara öýüň dulanda ýatyrdy-da, synlamaga durdy. Şol wagtam Igdir çopan çöwürmesini garaldyp, gapyda peýda boldy.

– Git, git, seň gelmeli ýeriň däl – diýip, Nusaý ene ony kowdy.

– Malyň haýsysyny ýatakda galdyrmaly, soraýjakdym – diýip, ol tarpýapary goýberip, daşardan sorady.

– Özüm görkezerin, garaş! – diýip, ol Enäniň garnyny basyşdyryp başlady.

– Waý, waý, agyrýar! – diýip, Ene aglamjyrady. – Wah, men ölerin-le, ölerin!

– Gorkma, hiç zadam bolmaz. Adam ata döräli bäri aýal çaga dogrup gelýär, birinji ýa soňky sen däl.

– Dogry, ilkinjiň gorkulyrak görünýändir, ýöne… Çagaň ýatyşy, ösüşi ýaman däl. Hudaý ýol berse ýene bir aýyň bar.

Şeýdip, çaga dünýä inmegime bir aý galanda, hiç hili iş buýrulmasa-da, asly galjaň gelin öýde oturyp takady ýetmän, bir oýnam guzuly goýunyň yzyna düşdi. Irden çigregrejik bolany üçin gelin bolanda gýiip gelen şelpeli donuny geýdi, biline ýüň ýaglygy orady. Goýun bakýan ýeri öýden daşda däldi. Dogry, onuň ýanynda, kömekçisi, Teke hanyň hamana bir peri aýalyndan bolan ogly, ýedi ýaşlaryndaky Igdir çopan hem bardy. Oňa gürrüň berişlerine görä, Teke han awda gezip ýörkä, gumry görnüşli guş ýere gonupdyr-da, perä öwrülip, elindäki çagany Tekä berip: «Bu seniň ogluň” diýip, gidiberipmişin. Teke han ol oglany alyp öýüne gelýärkä adamlar ondan: ”Han, alamançylykdan gul getirýäňmi?” diýip sorapdyrlar, onda Teke han: ”Bu ogul gul däldir, igdir, ol meniň oglumdyr” diýip, jogap beripdir. Şondan soň ol çagajyga Igdir at dakypdyrlar. Ine, Ene peri Igdir bilen erteden tä agşama çenli obadan daş bolmadyk köne jaryň ugrunda mal bakardy. Şol gün Nusaý ene:

”Gelin, indi goýunlaryň yzyndan galaý, wagtyň golaýlaşdy!” diýipdi. Emma şol gün ol gaýyn enesine gulak asmady. Adam öňüni bilenokdy ahyryn…
Kürendagyň gök öwüsýän jülgesi örän ajaýypdy. Bu ýerden Maşat-Misserian atlandyrylýan alysdaky gadymy şäher görünýärdi, ol dagyň günbatar tarapynda ýerleşýärdi, ondan beýleräkde bolsa harabalyk bardy.Bu harabalyklar barada ýerli adamlar bir rowaýat gürrüň berýärdiler, hamana Hudaý batyr türkmenleri aýratyn gowy görýänligi üçin, olar zyýarata Arabystana gidip ýörmesinler diýip, Käbäni ilki şu ýerde guranmyşyn, ýöne Gökleň (Gök agsak-leň) atlandyrylýan bir jadygöý, (gökleňler şondan gelip çykanmyş) ony ýykanmyş. Tekeler, bu taýpa bilen aralarynyň düz bolmazlygyny, olaryň pederleriniň şu hili ýaramaz ermişişleri bilen düşündirýärler.
Howa açyk wagty günorta demirgazykda ullakan janly göwrä çalym edýän ýalňyz sütün, ondan beýleräkde ýene biri görünýärdi. Şäheriň dört burç jaýlarynyň belent diwarlary, gümmez şekilli minaralary bardy, jaýlaryň daşyny berk berkitmeler gurşaýardy. Kürendagyň demirgazyk belentliginde başga-da ençeme gümmezli jaýlar bardy. Ondan demirgazykda garamtyl-gök buluda çalym edýän, owadan, belent, magdana baý, günorta-gübatardan demirgazyk gündogara uzalyp gidýän kiçi Balkan bardy. Oňa çenli meýan toýunsow bolup, selçeň, göýdük ösümligi bardy. Dagyň etegi bolsa gaty duz kesmegi bilen örtülendi, geçip bolmajak, köp sanly şor batgalygy bardy. Kiçi Balkandan uly Balkanyň gerişleri çala salgym atyp görünýärdi. Ol Kaspiý deňziniň kenary bilen demirgazyk-gündogar tarapa uzalyp gidýärdi. Ondan aňryk aşan ýeriňden bolsa hakyky çöllük başlanýardy…
Şol gün, Kürendagyň gözelligi ýetik ajaýyp jülgesinde, goýny onuň ýeke özi bakýardy, näme üçindir bu gün ol şaý-sep dakylan begres donuny egnine alypdy. Beg çopan çeşme güzerine mal iner ýaly, siliň getiren harsaň-harsaň daşlaryndan arassalamaga gidipdi. Wagt giç öýlänlerdi, gün Kürendagyň (oňa käte Kese-Gara dagam diýýärler) aňyrsynda gizlenip başlapdy. Ol «Indi öýe gaýtmaga wagt boldy, dowarlary yzyna gaýtaraýyn” diýip,ýaňy ýerinden gozgananda,haýsydyr bir güýçli gol ony

ýerden göterdi-de, goltugyna gysyp, gerşe dyrmaşyp başlady. Ol ilki nämäň nämedigine düşünmedi, bir görýäni nähilidir bir tüýlek gollar ony göterip barýar. Ene peri bar sesi bilen gygyrdy, aglady, eňredi, emma edip bilýän zady ýok, ony diňlejek hem ýok. Tüýlek, iki aýakly wahşy eleslenip, şeýle bir ylgaýar weli, gulakda şemal şuwlaýar. Ol şol gidişine, ýary gijeler Akar çeşmäniň golaýyna bardy. Ol ýerler Enaniň öň gören ýerleri däldi,ýöne, ýörelýän ýodajygyň şypyrjalygy köp gatnowlydygyny aňladýardy. Ony elesledip alyp barýan aýuw ýigidi – Ene onuň aýuwdygyna indi gözüni ýetiripdi – bu töwerekde bar bolan san-sajaksyz gowaklaryň birinde oturyp demini dürsedi, sag goltugynda Enäni saklap, näme etmeli diýýän ýaly töweregine garanjaklady, uzak ýoly geçen aýaklary syzlaşypmy, nämemi, bir turdy, bir oturdy, soňam Enäni emaýlyk bilen goltugyndan düşürdi,ellerini ýazdy. Enäniň gaty ýadan näzik bedeni salkyn howa azajyk ynjaldy, endamynda uly agraslyk peýda boldy, çalaja ymyzgandy. Birdenem, bir äpet haýwanyň arryldysy ony tisgindirip oýardy. Gözüni ýalpa açsa, aýyň ýagtysyna gowy saýgardýan, kiçeňräjik öküze meňzeş gara ýolbars “şalp-şalp” edip, suw içýär. Gorkusyna demini almagada bogny ysman,aýuwyň tüýlek bykynyna hasda gysyldy. Ýüreginiň gürs-gürs urmagy bilen, göwredäki çagajyk hem müňňül-müňňül edip, aýajyklaryny böwre depýär, gymyldaýar. Birdenem, burgusy tutup, alyp barýar. Suw içip duran bu ýyrtyjy, gorkunç haýwan bolmadyk bolanda ol içiniň awusyna çydaman: «Waý, eje-jan!” diýip, bokurdagyna sygdygyndan gygyrardy. Her zatda bolsa dilini dişläp, gara dere batdy. Bir seretse, uzyn boýly, edenli aýuw, injir agajynyň bir şahasyny eline alyp, ýaňky ýolbarsa tarap ätlem-ätlem ýöräp ugrady. Ýolbarsyň ýanynda onuň özünden birneme kiçäňräjik çagasy bardy. Olar birden kellerini galdyryp, gowaga tarap nazaryny aýladylar, hat-da azajyk öňe ýöredilerem. Ýolbars burnuny ýokary tutup, kellesini iki ýana ýaýkap, ýer peşäp arlady. Bu elhenç ses gijäniň rahatlygyny böwsüp, bütin deräni sarsdyrdy. Ömründe beýle zady görmedik, beýle sesi eşitmedik zenanyň on iki synasy titredi, göwresine galpyldy aralaşdy. Şonda-da sesden birjikde çekinmedik aýuwyň merdemsi ädimläp ýolbarsa tarap

barşyny gözünden sypdyrmady, iki läheňiň garpyşmagyna garaşdy, içinden bolsa: ”Allajan, Gaýtarmyş Ata, özüňiz ýetişiň, kömek ediň! Men şu gara läheňden sypyp, ýolbarsa şam bolanymy gowy görýän” diýip samrady, ”Daglarda käte ýolbarsdyr-gaplaň duş gelýändir, ýöne olar aňsat adama topulýan däldir”diýlenem ol eşidipdi. Her zatda bolsa haýwanyň aýylganç sesi burgusynyň tutmasyny ýygjamladypdy, tas özünden hem gidipdi. Her näçe näzigem bolsa, gaýratly erkek adamdan gaýra durmajak gaýratly zenan bu garaşylmadyk ýagdaýa mertlerçe döz geldi. Ýolbars gowaga tarap ýene bir ädim ätdi-de, özüne tarap sürünip gelýän gara zalywatdan çekindimi, nämemi, aýylganç arlap, ýuwaşlyk bilen yzyna dolandy we dünýäde bu daglaryň eýesi diňe mendirin diýýän ýaly, apaň-apaň basyp, gaýralygyna tarap gitdi, çagasy hem enesiniň yzyna tirkeşdi. Ýolbarsyň soňky arlamasy zenana: «Eý, adam, näzenin zenan, biz meýdan ýyrtyjysy bolsagam, siziň towugyňyza tok diýmeris, ýöne, adamzadyň ýyrtyjysyndan Allaň özi gorasyn, penasynda aman saklasyn. Bilip goýuň, adamyň ýyrtyjysy haýwanlaryň ýyrtyjysyndan elhençdir” diýýän ýaly eşidildi.
Hawa, ol hakykatdanam şeýledi, ony jan ýaly ýanýoldaşynyň ölümi hem tassyklaýardy.

2.

Yslam done dininiň ornaşyp ugran döwürlerinde Mary, Abuwerd, Nusaý, Balkan, Ürgenç, Amul hanlyklarynyň hersi özbaşdak dolandyrylýardy. Yslam dini bilen bir wagtda otparazlyk dini hem hereket edýärdi. Halkyň aňyna ornaşan otparazlyk dininiň tarapdarlary bilen yslam dininiň tarapdarlarynyň arasynda käte oňuşyksyzlyk ýüze çykýardy. Onuň soňy iki taraplaýyn urşa alyp gelýärdi. Käte hat-da, hersi bir dine gulluk edýän iki doganyň arasynda hem dawa-jenjel,uruş turýardy. Beýle ýagdaýyň bolmazlygy üçin hemmeleriň bir dine-yslama gulluk etmekleri gerekdi. Oňa bolsa wagt gerekdi.
Başga bir tarapdan birek-birege ýapja bolmak duýgularyndan daşda bolan türkmenler: «Biz bir başsyz halk, onuň bize geregem ýok. Hemmämiz des-deň, her kes özüne soltan”

diýýärdiler, ýöne, hormat goýup, käbir derejede köpçülige täsirini ýetirýän aksakallara gulak asýardylar, ýerliksiz buýruklar berip, gereginden artyk talap ediberseler, olaryňam mährinden geçýärdiler. Adamlaryň çydamlarynyň çägi özlerine ýakmaýan häsiýetleriň ýüze çykyp ugran wagtyna çenli dowam edýärdi. Her kes özüne soltan diýselerem, türkmenlerde açyk duşmançylyk, ganhorlyk, sütem, adalatyň we ahlagyň garşysyna gabahat iş etmek ýaly zatlar ýokdy. Olaryň bary hatda özlerine-de oňly görünmeýän kuwwatly hökümdara, däp-dessura boýun bolýardylar. Edep-ahlaklylygy aňladýan däp sözi agzalanda olar diýseň gowşaýarlar. Şol sebäplem olaryň ähli edýän ýa-da etmekden gaça durýan zatlary däbiň emrine esaslanýardy, ol hat-da käbir derejede diniň täsirindenem ýokarda durýardy.

Teke baý ýylyň alty aýy Müňgyşlakda, alty aýy Balkanda hanlyk edýärdi. Ol, Deňiz hanyň ogly gynyklardan bolup, Muňgyşlakda dogulypdy, ata-baba deňiziň gyrasynda ýaşap gelipdirler, olam asly mekanyndan aýrylasy gelenokdy. Bolmanda-da, Deňiz hanyň nesli bolarsyň-da başga ýeri küýsemersiň ahyryn. Ol otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky, edenli, syratly ýigitdi. Ýurduny gelmişeklerden, gaýry dinlilerden goramakda batyrlyk görkezip, janyny gaýgyrmaýardy.

Günleriň birinde deňiziň ýakasyna awa çykdy, aw awlady, at çapdyryp, gün ýaşan ýerinde ýatdy. Ertesi ir bilen ürküp, çarpaýa galýan atynyň güpürdisine oýanyp, tarsa ýerinden tursa, beýlede bir gara dur. «Kim sen?” diýen soraga ol “Men suw perisi bolaryn” diýip, ýüzüniň perdesini syrdy. Teke oňa şol demde aşyk boldy we periniň alnyna dykylyp: «Men saňa aşyk boldum”diýdi. Peri “Men seniň naçaryň däl, men Serdar begiň gyzy, gerek bolsam enem-atamy gör, ondan başga-da meniň üç şertim bar, şolary berjaý etseň baraýyn. Birinji şertim, sen han hökmünde däl-de,bir mysapyr kişi hökmünde gudaçylyga baryp, enem-atamy razy etmeli, olaryň diýen zadyny tölemeli, ikinji şertim, obamyzyň ortasynda bir mesjit, akar çeşmäniň üstünden köpri gurmaly, üçünji şertim bu aýdylanlary ikimizden başga bir adamam bilmeli däl” diýýär. Şu üç şerte razy bolan Teke han işleri bir ýandan bitirip başlady, ilki mesjit gurdy,

soň köpri gurup, gyzyň öýüne ata-enesini sawçylary ugratdy.
Şeýdip ol toý tutdy. Bu toý gaty giňden bellenildi, ýurduň dört künjeginden myhmanlar geldi, emma näbelli sebäplere görä daşoguzyň begleri toýa gelmediler. Nämemiş, olara habar berilmänmişin, ýogsam, Teke han elin iki atlyny olara ugradypdy ahyryn. Ol munuň sebäbini bilmegi wezirine tabşyrdy, ol bolsa “Hanym, men olaryň dost-duşmanlyklaryny bilerin” diýip, daýysy Orazyň daşoguzdaky öýüne geldi. Oraz: ”Ýegenime aýt, öňler üç ok, boz ok toýlary bile geçirerdi. Indi toýa çagyrylmadygymyzda günämiz näme? Muny olar musulman bolup, biziň otparazlygynyzdan gözlemelimi? Biz indi Teke hanyň, onuň atasy Salyr Gazanyň hem duşmanydyrys” diýip, gaharlandy. Wezir näçe ýalbarsa-da bolmady. Gaýtam Oraz beg begleriň öňünde, ýagdaýyň öwerlikli däldigini, eger Teke baý oňa boýun synsa günäsiniň geçiljekdigini aýdyp, has-da bulaşdyrdy goýaýdy…
Ine, bir günem Teke baý çölde, aw diýip, atyny selpedip ýörkä bir kişi oňa: ”Meger sen, han Salyryň ogly dälsiň?’ diýdi. Muňa gahary gelen Teke han: ”Meniň atam Deňiz hanyň neslinden bolan Salyr Gazan, babam dag hanyň ogly Salyr ilindendir” diýip, jogap berdi. ”Ol nähili beýle bolýar, sen Salyr iliniň ogly dälmisiň? Men Dag hanyň nesli ýemrelilerden, seni öz kowmum diýip ýörün ahyryn!?” diýip, ol adam sorady, olam: «Dag hanyň ogly Salyr Gazan, Deňiz hanyň ogly gynyklaryň nesli Salyr bolup bilmez, sen iki salyryň arasyny bulaşdyrma” diýip, jogap berdi. ”Goý, şeýle bolsun, kimiň ogly bolanyňda hem sen häzir bol, daşoguz hany duşmançylyk bilen üstüňe gelýär” diýip, ol habar berdi. (Şu ýerde okyjylara düşnükli bolar ýaly bir mysal getirmekçi. Salyr Gazanyň ady Abulgazynyň ýazgylarynda, ”Görogly” eposynda, «Gorkut Ata” eposynda hem getirilýär. Abulgazy Dag hanyň ogly Salyr Gazan barada gürrüň edýär, emma soňky iki eposda Deňiz hanyň ogly (Gynygyň nesli) Salyr Gazan hakda gürrüň gidýär. Ony Göroglynyň “Tekeli-türkmenli ilden bolarmen ”diýmesi, Gorkut ata eposyndaly Salyryň seljuklardan bolmagy hem tassyklaýar. Onuň üçin ady agzalan eposlara göz gezdirmek ýeterikdir.)
Hakykatdanam, bir gün awdan soň, çölde dynç alyp ýatyrka, Oraz begiň adamlary ony tutup, ellerini berk baglap, araba ýükläp

alyp gitdiler. Nämemiş, Teke han toý edende Oraz bege çakylyk ugratmanmyş. Eltibem ony gurruk guýa taşladylar-da, agzyna bir degirmen daşy goýdular. Iýmek-içmegini şol degirmen daşynyň däliginden, deşik-diliginden berdiler.

Bu waka onuň Enä öýlenen wagtynyň yz ýany bolup geçipdi…

Ertesi Orazyň dolmuş aýaly haşylap, äriniň gaşyna gelip: «Hanym, kerem et, ol ýesiriňi guýydan çykar! Düýşümde hakyt gördüm, ol biziň il üçin berýän aşymyzy beýlekileriň ellerinden alyp iýýär. Onuň derdinden ýer ýüzünde ne dirimize rahatlyk bar, ne ýer astynda ölümize rahatlyk bar. Özem tüweleý bilen asmana uçýar, ýere-de gonýar, biziň çokunýan dumyzy öçürip-de bilýär, ýakyp-da. Rehim et-de, ol äri guýydan çykar!” diýdi. Oraz beglerini jem eýläp: ”Baryň, Teke baýy guýydan çykaryň, goý, ol bizi öwsün, gaýdyp, toýa çagyrjagyny, biziň ilimize gyýa seretmejeginden şert eýlesin!” diýip emr etdi. Teke bolsa “Walla-bille, dogry ýoly görýärkäm, egri ýoldan gitmerin, ýer ýüzünde adam öwmedim, öwmerinem. On müň ýaga oýnum diýdim, ýigrimi müň ýagydan çekinmedim, otuz müň ýagyny kölege saýdym, şonda-da döşüme kakmadym. Beýik-beýik daglardan daş togalansa, uýlugymy, gaba ökjämi tutdym, gaba-gaba beg ogullary gowga kylsa, gamçymy salyp diňdirdim, ýedi başly ajdarha garşy eden haýbatymda gözüm ýaşardy, şonda-da öwünmedim, öwünen erenleri hem hoş görmedim, görmenem. Alty gaýta Owuzyň alyp bilmedik galasyny ýeke özüm alty günde aldym, beglerini gul etdim, Akja galada at oýnatdym, “Ak hysar” galasynyň burçuny ýykdym, Karun iline çapgyn etdim. Ala ördek gara gazy uçurmaz, galyň oguz ilinde, Ene atly bir ýassykdaşym, Garagüne atly gardaşym bar, şonda-da öwünmedim. Ýakynlarymy görmezden eliňe düşdüm, golum bagly bolmadyk bolanda, daýymam bolsaň, yslamy kabul etmänligiň, otparazlygyň üçin kelläňi keserdim! Onsoňam, oguz ilini görýärkäm seni hijem öwmerin, ondan öldür, öldürmeseň, öldürerin!”-diýdi.

– Ol bizi öwmedi, geliň öldüreliň! Oraz baýa şöhrat! Oraz baýa şöhrat! – diýişip, begler bir agyzdan seslendiler. Onda Oraz beg: ”Munuň atasy, enesi, gelni, ýekeje aýal dogany bar, öldürmän, gowusy ony doňuz tamyna salyp goýalyň!” diýdi. Teke han: «Meni nejis malyň ýanyna salmaň, ondan öldüriň, men

dowzah odunda ýüzlerçe ýyllap ýansamam, günämi aýryp bilmen” diýip, janykdy, emma oňa gulak asmadylar. Teke beg tussaglykda galyberdi.

Bir günem gyrmyzy donly Orazyň, Gurhanda gadagan edilenem bolsa, her hili şaý-sepleri gyzyl ýüpek köýnegine dakan aýaly: ”Näme üçin ýegeniň seni öwmedi? Hudaý tarapyndan halkyň öňüne düşmek diňe saňa tabşyrylan ahyr, ol hemmä aýan hakykat. Şondan soňam iliň öňünde seni öwmän masgaralamak – munuň özi oturan tagtyňa dalaş gurmak bilen deňdir. Ol ýa-ha iliň öňünde seni öwsün, ýa-da ony öldür. Başga ýol ýok” diýdi. (Oraza şaý-sepleriň owazy hoş ýakýan bolarly, ol aýalyny, atyny bezäp, olaryň her bir hereketinde eşidilýän owazy diňlemäni gowy görýärdi, hat-da onuň gullarynyňam aýaklary şaňňyrdaýan zynjyrlydy).

Şol günüň ertesi begler, emirler Orazyň öňünde başyny egip, onuň gazanan ägirt uly “Ýeňişlerini”, “Uly baýlygyny” mahabatlandyrdylar, hat-da tussaglykda oturan gullaram, zynjyrlaryny şaňňyrdadyp (Tekeden özgesi) ony öwdüler. Diňe Teke beg sesini çykarmady. Muny gören Orazyň aýaly durup bilmän: ”Gör, ýegeniň sesini çykarman, dişini gysyp otyr, içindenem saňa gargaýandyr. Goý, ol saňa wepalylygyny şu ýerde subut etsin, bolmasa-da onuň başyny kes!”diýdi.

Dogrudanam, sen wepalylygyňy bildirjek bolsaň,meniň gazanan üstünliklerimi, baýlygymy, eger bar bolsa kemçiliklerimi ýüzüme aýt! Men onuň üçin birjikde gaharlanmaryn, her kim özüniň mynasyp ornuny bilse ýagşy – diýip, Oraz Teke bege ýüzlendi.

– Men ony höwes bilen aýdaryn – diýip, Teke jogap berdi. – Seniň kakaň Baýly ýabgu başarjaň nökerleri daşyna ýygnap, güýçli goşun bölümini döretdi, senem şolaryň kömegi bilen tagta geçdiň. Kakaň köp şäher, oba gurdy, sen bolsa onuň esaslandyran oba-şäherlerini ýykdyň, ýumurdyň. Söweş ýerinde garşydaşyňa wagşy nazaryňy aýladyň, öz ýurduny goraýanlygy üçin olary sebäpsiz gyrgynçylyga saldyň. Sen öz ýekeje aýal doganyň ogluny-meni, ähtiýalanlyk bilen tutup, nä güne saldyň? Men saňa ýagşylyk eden bolaýmasam ýamanlyk etmedim, şonda-da toýa çagyrmadyň diýen bahana arap, meni zyndana saldyň. Eýsem,

Oguz han öz nesilleriniň şeýle pese düşmegine ýol berermidi? Bermezdi. Sen iliň öňüne düşýän Han, ile görelde bolmaly halyňa gaýtam, ejezligiňi, namartlygyňy, nalajedeýinligiňi görkezip, masgara bolýarsyň. Sen näçe baýam bolsaň, kalbyňy garyp saklamaly, bolmasa barlygyň alamaty dosty duşmana öwerýändir. Seň şoňa düşünmeýänligiň üçin men bir ölüp bilemok.

– Beýle ölesiň gelýän bolsa ölersiň. Ýürek matlabyňy diňläp, iň gazaply duşmanymdygyňa gözümi ýetirdim. Duşman ýakynyňdan çykmasyn diýsene!

– Daýy, şu ýerde janymy al, ýöne, gaýdyp ýerzemine, doňuz ýataga salma! Ölsemem, arassa ýerde, tebigaty görüp öleýin.

– Ýegen, edil aýdyşyň ýaly ederin! Ony gaplaňyň öňüne taşlaň!? – diýip, ol ajy ýylgyrdy.

– Dur! Gaplaňyň öňüne taşlamazdan burun,namazymy okamaga rugsat ber!

– Goý, ol namazyny okasyn, belki yslam ony bu aýylganç jezadan halas eder – diýip, Oraz beg güldi. Beg gülse beýlekiler hem gülmelidiler. Şeýle görkezme berse-de, ol ýegeninden öz günäsiniň geçilmegini soramagyna, ýalbarmagyna garaşýardy, jellatdan: ”Ýegenim näme diýýär? Günäsiniň geçilmegini soranokmy?” diýip soraýardy, ýok jogaby alybam: – Ol beýleki gullara ýaramaz görelde görkezýär, gowusy ony namazyndan soň gaplaňyň öňüne taşlaň! – diýip, gygyrdy.

– Begden aman dile, aýagyna ýykyl – diýip, namaz okap bolanyndan soň onuň ýanyna gelen jellat seslendi, emma Teke beg onuň ýüzüne tüýkürip goýberdi.

– Hormatly Oraz baý, myhmanlar! Siz häzir Türk däbini bozýana, begimizi sylamaýana nähili jeza berilýänine tomaşa edersiňiz! – diýip, jellat gözenegiň ýanyndaky gullara “Gaplaňy goýberiň” diýen ýaly yşarat etdi.

Garyp döwri ýüregi ýuka, baýlyk toplap, gözi gyzaran Oraz baý agzyndan sypan ýaňky sözüni nädip yzyna alyp bolarka diýip duran wagt, atyny ýüzün saldyryp gelen çapar ”Adamlar, ýaragly ýaragyňyzy alyň, ýagy döküldi” diýip gygyrdy. Her kim ýaragly ýaragyna ýapyşdy, atly atyna mündi-de, baýyň galasynyň çetli obalaryny talaýan duşmanyň garşysyna gitdiler. Oraz beg

gözenegiň agzyna gelip: ”Teke beg, üstümize duşman geldi, bu ýagyny gaýtarsaň seni goýberjek we näme diýseň boýun boljak, ýöne senem gaýdyp, biziň ilimize ýagylyga gelmezlige ant iç!” diýdi. «Walla, dogry ýoly görýärkäm, egri ýoldan ýöremen, ýöne daýy, senem yslamyň näderejede öz raýatyny goraýanlygyna gözüňi ýetirensiň!” diýeninden soň gözenekden çykarylan Tekemuhammet: ”Daýy, atymy, ýaraglarymy elime ber, menem siz bilen duşmanyň garşysyna çykjak. Siziň duşmanyňyz meniňem duşmanymdyr” diýdi. Şeýdip, Teke begi geýindirdiler, eline gylyçdyr tomagyny, başga uruş gurallaryny berip, ata mündürdiler.
– Bäh, ýegen, dogrudanam, maňa kömek edip, duşmanyň garşysyna çykaýjakmy? – diýip, Oraz beg ynamsyzlyk bilen sorady.
– Türkmeniň agzyndan bir gep çyksa soň ony gaýtalamaz. Sen näme meni tanaňokmy? Senden ýene bir haýyş, beýleki gullaryňy hem boşat! Sen Pygamberimiziň “Her bir musulman erkindir” diýenini bilibem, nädip öz sünni doganlaryňy gul edip saklap, soňam satyp bilýärsiň?
– Gurhan – Hudaýyň kitaby, ol elbetde adamdan gymmat, ýöne şonam bir näçe grana satyp, satyn alyp ýörler. Ýakubyň ogly Ýusup pygamber satylmadymy? Beýdileni bilen onuň gadyry gaçdymy? Gaçmady. Gullaram, maňlaýlaryndakyny görerler, kysmatlarynda bardyr-da – diýip, Oraz beg onuň haýyşyny kabul etmedi.
Şondan soň Oraz beg ýegeni bilen, bir topar nökere baş bolup, duşmanyň garşysyna çykdy. Asyl görülip otyrylsa, olaryň mekanyndan ýüzlerçe menzil gündogarda ýerleşen Ýaýyk derýasynyň (Ural – gaty ýaýbaň, giň derýa bolanlygy üçin Ýaýyk ady berilipdir) çep ganatynda ýerleşen Timaten galasynyň hany çozan ekeni, özem Teke hanyň ýekeje aýal dogany Güljemaly ýesir alyp, gaýdyşyn Oraz begiň üstüne çozan ekeni. Bu habar gulagyna degende Teke han diýseň gazaplandy, ölenini-ötenini bilmän, duşmanyň garşysyna göreşdi, syçrap atdan indi, galkan ýapynyp, gürzüsini galgadyp, her gezekde ençeme duşmanyň läşini çermegi başardy. Dogrusy, Teke hanyň gahrymançylygy bolmadyk bolanda, Oraz begiň goşuny çym-pytrak edilýärdi. Gazaply uruşda, iki ýerinden ýaralanan Teke han jan berdi

,ýöne duşmany yzyna serpikdirmäni başardy… Oraz baý uly gahrymançylyk görkezen ýegenini şol jeň maýdanynda hormat bilen jaýlady. (Teke hanyň mazary Gyzygaýadan günbatarda, Ärsary babanyň jaýlanan ýerinden 12-15 kilometr demirgazykda ýerleşýär).

Dowamy bar >> Powestler